# Jeza

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Jeza JEZA

Ne yzymdan galýar,
Ne golaý gelýär,
Ýogsam çagyrýanam gollarmy salgap.
Ol bu günem ho-ol baýyrdan aňyrda
Otyr, ýüz-gözüni owkalap, sallap.

Otyr başyn ýaýkap,
Hyrçyny dişläp,
Otyr pikirleri öwrüp serinde.
Bir mahallar welin şahandazly ol,
Dutar bilen gül bolardy elinde.

Ol meniň hemramdy,
Arkadagymdy,
Dursam, daýanjymdy, uçsam ganatym.
Görmändim oň bitirmedik ýumşuny,
Ejizligiň derdin çeken halatyn.

Ýöne oň sarpasyn saklap bilmedim,
Öýden-öýe,
Ýoldan-ýola aýladym.
Meýlis gurup gijelerine, oň güýjün
Gerekmejek jedellere paýladym.

Horlandy,
Igledi,
Günleň bir günem
Meniň bilen müdimilik hoşlaşdy.
Geň zat, ol galybam bilmedi menden,
Garama-garama yzyma düşdi.

Ol häzirem ho-ol baýyrdan aňyrda

Otyr ýüz-gözüni owkalap, sallap.
Nädeýin ýalbarýan: «Geç sen günämi,
Besdir, jeza berdiň, gör, näçe ýyllap!
Besdir, jeza berdiň, gör, näme ýyllap!

Gel, golaýma, öpeýin gül ýüzüňden,
Şar garaja saçlaryňy sypaýyn.
Aýamda göterip gezeýin seni,
Guş süýdi gerekmi?
Tapmaga taýyn!..»

O bolşa günämi geçmäň deregne
Hüňürdäp, käýinip turyar ýerinden.
…Öýkelän ýaşlygym,
Ynjan ýaşlygym
Ýene-de ýüzüni öwürýär menden.

Italmaz NURYÝEW. Goşgular